BMGÖM-niň Türkmenistandaky şahamçasy Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklar instituty bilen bilelikde sanly integrasiýa boýunça 100 günlük global maslahatyň çäginde ýaşlar çäresini geçirdi. BMGÖM tarapyndan 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda guramak meýilleşdirilýän geljekki sammitiň öňüsyrasynda badalga berlen başlangyç durnukly ösüş maksatlaryna esaslanýan hemmeler üçin açyk, erkin we ygtybarly geljegi öňe sürmegi maksat edinýär.

Şu gün BMG-niň Aşgabat şäherindäki binasynda geçirilen ýaşlar çäresi talyplara üýtgeýän sanly landşaft barada öz garaýyşlaryny we isleglerini beýan etmek üçin platforma döretdi. Çäräniň dowamynda talyplar BMGÖM-niň sanly üýtgeşmeleri öňe sürmek ugrundaky global tagallalary bilen tanyşdylar we Singapurda BMGÖM Global Tehnologiýa, Innowasiýa we Durnukly Ösüş Merkeziniň Sanly üýtgeşme geňeşçisi, jenap Geri Çýu tarapyndan hödürlenen «Sanly goşma gollanmasyny» öwrenmek arkaly global geljege göz ýetirdiler.

«Sanly goşulyşmak umumy ykdysady we sosial ösüş üçin möhümdir. BMGÖM-niň ýolbaşçylygy hereketlere gönükdirilen we üýtgeýän global gurşawa uýgunlaşdyrylan toplumlaýyn, köp taraply çemeleşmäni teklip edýär. BMGÖM sanly goşulyşmagy öňe sürmek boýunça köpçülikleýin bilim almak üçin global ulgamyny çekmek üçin 100 günlük maslahat geçirýär we biz Türkmenistanyň ýaşlarynyň pikirlerine uly sarpa goýýarys» — diýip, Geri Çýu belläp geçdi.

Tanyşdyryşlardan soň bolsa çärä gatnaşyjylar sanly üýtgeşmeler we ýerli jemgyýetlere goşulmak bilen baglanyşykly kynçylyklary hem-de mümkinçilikleri öwrenmek üçin toparlaýyn seljermelere gatnaşdylar.

Bu global çekişmeleriň sanly deňsizligi aradan aýyrmaga, ýaşlara giň mümkinçilikler açmaga, gender deňligini öňe sürmäge we dünýä üçin sanly geljegi gurmak strategiýalaryny işläp düzmäge kömek etmegine garaşylýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024



Все права защищены



Все права защищены



Все права защищены